# Başga planetalylar biziñ aramyzdamy?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Başga planetalylar biziñ aramyzdamy? BAŞGA PLANETALYLAR BIZIN ARAMYZDAMY?

Dünýä siwilizasiýasynyñ ösmegine öz täsirini ýetiren hasap edilýän başga planetalylary öwrenijileriñ aýtmaklaryna görä başga planetalylar biziñ aramyzda adam sypatynda baryp, haçandan bäri gezip ýörler. Başga planetalylaryñ bardygy hakynda gadymy Hytaýda ýazga geçirlen: Çetki Ssin nesilşalygy döwründe toplanan geñ-tañsy wakalaryñ on tomlugynda şeýle iniñi tikenekledij zatlar ýazylypdyr: Ýuwansýu diýen bir halk bar bolup olar uçýan jisimli bir zat bilen gämide ýüzüp geldiler. Gämileri geñdi we deñiziñ düýbüne hem çümýärdi, çümen pursaty içine suw girmeýärdi. Ony »Tolkunlary böwüsýän jisim» diýip atlandyrdylar. Ol ýurduñ üstüne örtgi dokaýardylar. Şihuwan Älemiñ, Ýeriñ we asmanyñ döreýşi hakynda gürrüñ açanda, olar ähli zady öz gözleri bilen gören ýaly edip ýaradylan zatlary gürrüñ berýärdiler.
Ýuwansýudan gelenleriñ gözleri ýyldyrym uranda çykýan ýagtylyk ýalydy, gulaklaram boýnuna gaty ýakyn, endamlary çaganyñ endamy ýaly, bir günüñ dowamynda on müñ li aralygy geçip bilýärler. Olar juda gorkuly energiýa eýe bolup bir bölek energiýa ýagtylygy uly köşgüñ içine ýagtylyk saçyp bilýär. Sinşihuwan olar bilen eden gatnaşygyny: »Keramatly, jadygöýlik» diýip hasaplaýardy». Şular ýaly göze dürtülip duran taryhy ýazgylardan çen tutsak başga planetalylar biziñ aramyzda we olar haçandan bäri biz bilen gatnaşykda gezip ýörler.
Käbirleriñ aýtmaklaryna görä şol başga planetalylar diýilýän jandarlar jynlarmyş. Ýöne meñ pikir edişimçe jynlar bir aýry, başga planetadaky ösen añ-düşünjeli adamlar bir aýry.
Köpler bolsa başga planetalylaryñ asla ýokdugyny, olara

ynanmaklygyñ özi akmaklykdygyny aýdýarlar. Ýöne köpleriñ: » Uçýan tarelkalaryny gördüm» diýýänleri bir ýa iki däl. Ony köp adamlar aýdýar. Olar dilleşmedik bolsalara »Uçýan tarelkalaryñ» bardygyny bir agyzdan aýtmala däl!
Arada dost oglanym bilen maşynda gidip barýarkam uçýan tarelkalar hakda gürrüñ açyldy. Şonda men dostuma: »Başga planetalylaryñ bardygyna ynanýañmy?» diýen sowaly berip, gyzyklanyp göremde, ol maña: »Dost! Şu biziñ görmeýän, mikroskopda görüp bilýän zadymyz mikrobakteriýalaryñ bardygy subut edilen dogrumy? Ýerde janly-jandarlaryñ gezip ýörenligi mese-mälim, suwdaky balykdyr, beýleki jandarlaryñ ýaşaýanlygy belli, howada guşlar ýaly janly-jandarlaryñ ýaşaýanlygy belli. Indi şolar belli bolýan bolsa, Älemiñ içinde näme üçin janly-ýaşaýyş bolmasyn!?» diýen ajaýyp pikirini aýtdy.
Dogrudanam şu Kosmos Äleminde näme üçin ýaşaýyş bolmaly däl-kä!?
Aslynda şu Gün sistemasynyñ planetalarynyñ hemmesinde ýaşaýyş bar diýlip hasap edilýär. Ýöne olaryñ ýaşap ýörendikleri biziñ gözümizden sypýan bolmagam ahmal!?
Marsyñ üstüni surata alan emeli hemranyñ çykaran suratlarynyñ birinde, derýa jarlarynyñ içini kesip geçýän marsyñ bokurdak şekilli ýerasty tunelleriniñ bardygy subut edildi.
Eger Marsda ýaşaýyş bolmasa şol ýerasty tunelleri kim gurdy?
Bular hakda agzap oturmaly bolsak gürrüñimiz uzap gitjek. Şonuñ üçinem asylky mowzugymyza geçip ony dowam etdireliñ.

■ Başga planetaly telehronitel

 Eger başga planetalylar bar bolsa, onda olar biziñ aramyzda häli-häzirlerem gezip ýörler… diýip bilermenler tassykkaýarlar. Muña mysal edip ABŞ-nyñ öñki ýurt baştutany Barak Obamanyñ telehronitelleriniñ biriniñ başga planetaly bolandygyny delil hökmünde orta atýarlar. Haçanda ABŞ-nyñ mejlisler otagynda ýygnak gidip durka yşyk gidip garañkylyk aralaşýar we telehronitelleriñ biri wideokamera düşüpdir. Şonda şol ünsi çekilýän telehroniteliñ ýüzüne ýaşylymtyk reñk öwüşgün berýär. Özem juda bir hili hereketleri bilen eýlesine-

beýlesine garanjaklaýar.
Şolar ýaly düşürilen ençeme wideoýazgylaryñ köpüsindäki bolup geçýän wakalara üns berseñ başga planetalylara meñzeş diýilýän mutant adamlaram şolar. Ýöne näderejede olaryñ başga planetaly bolup biljekdigine degişli maglumatlar ýok. Mutantlaryñ başga planeta deñelýändigi diñe çaklamalara esaslanýar.

■ 2048-nji ýyldan gelen adam başga planetalylaryñ bardygyny habar berýär

Bu pany dünýämiziñ özüne ýeterlik geñ-tañsy alamatlarynyñ, täsinlikleriniñ köplügi üçin, iniñi tikeneklediji habarlar gelip gowuşýar diýsek ýalñyşmarys.
Şol täsinlikleriñ biri hem ABŞ-nyñ Wýoming ştatynda özüniñ geljekden gelendigini aýdýan biri hakynda size habar bermekçi bolýaryn.
Serhoş hem içgili hasap edilýän, özem ýüzi-gözi üýtgeşik keşbe mahsus bolan bu adamyñ ady Brýant Jonson. Ol döwür içinde azaşyp 2018-nji ýylda gelmek isläpdir ýöne ol ýalñyşlyk bilen 2018-nji ýylda gelipdir. Başga planetadanmy ýa hakykatdanam geljek ýyldan gelenmi, belli bolmadyk bu şahsyýet adamzat şanyna, özem gyssagly bir habary getirendigi köpleri howsala düşürýär. Ol adamzadyñ halas bolmagy üçin şeýle diýýär: »Geljek ýyllarda başga planetalylar gelýärler, özem bu ýerlerden näçe çalt boldugyça daşlaşmaly»
Ýöne habar bermeklerine görä bu adam serhoşmyş, özem samraýarmyş. Ýöne şeýle keşbe girip geljekden gelendigi habar berilýän bu adamyñ näderejede samraýanlygy hakykata laýyk gelýärkä?
B. Jonsonyñ aýtmagyna görä, onuñ özi 2048-nji ýyldan gelipdir, özem ol tussag edilip göz astyna alynypdyr.
Soñky çykan habarlara görä, häzirki döwrümizde sessizje ýaýrap başlan covid-19 dümewi başga planetalylar ýaýradýarlar we olar adamzady azaldyp soñuna sogan ekmek isleýärler.
Emma bu näderejede dogry maglumat!? B. Jonsona başga planetalylar spirtli içgileri içmeklige sezewar edipdirler, onuñ aýtmagyna görä başga planetalylar geljek ýyllarda ýer

ýüzüni eýelejekler, özem adamzady azaltmagyñ pikirindediklerini nygtaýar.
Belki başga planetalylar eýýäm aramyzda we kimdir birileri tarapyndan garşy alyndy hem-de koronawirus keseliniñ sessizje ýaýramagyna şol erbet niýetli galaktikadaşlarymyz sebäp boldylar… Geň-taňsy wakalar